**10. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalyk guramasy (FAO) arasynda «Türkmenistanyň oba hojalyk pudagynda howanyň üýtgemegine durnuklylygy ýokarlandyrmak maksady bilen tebigaty gorap saklaýan özgertmeleriň ugrukdyrylmagy» atly taslama.**

**Gol çekilen senesi:** 2026-njy ýylyň 22-nji ýanwary.

**Umumy maglumat:**

Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalyk guramasy (FAO) 1945-nji ýylda döredilen, ştab-kwartirasy Italiýanyň Rim şäherinde ýerleşýän BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasydyr. Guramanyň esasy wezipesi iýmit ýetmezçiligine garşy göreşmek, azyk howpsuzlygyny üpjün etmek, oba, tokaý we balyk hojalygyny ösdürmek, tebigy serişdeleri durnukly dolandyrmak hem-de howanyň üýtgemegi bilen bagly meselelerde döwletlere goldaw bermekden ybaratdyr. Häzirki wagtda FAO dünýäniň 194 döwleti bilen iş alyp barýar.

Taslamanyň ýerine ýetirilmegine gönüden-göni ýolbaşçylyk Türkiýe Respublikasynyň Ankara şäherinde ýerleşýän FAO-nyň Merkezi Aziýa ýurtlary boýunça sebitara wekilhanasy tarapyndan amala aşyrylar. 2006-njy ýylda döredilen bu wekilhana Azerbaýjan, Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Türkiýe, Türkmenistan we Özbegistan ýaly ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy üstünlikli amala aşyrýar.

**Esasy maksady:** durnukly azyk öndüriji ulgamlary bilen üpjün etmek we tebigata gönükdirilen oba hojalyk tejribelerini ornaşdyrmak, çünki olar ekoulgamlary gorap saklamaga, üýtgeýän howa şertlerine öwrenişmek ukybyny pugtalandyrmaga, şeýle hem ýerleriň we topragyň hilini ýokarlandyrmaga ýardam berýär.

**Esasy ugurlary:**

1. Tebigatyň oýlanşykly ulanylmagyny we üýtgeýän howa öwrenişmek hem-de onyň täsirini gowşatmak ukybyny pugtalandyrmak;
2. Oba hojalygynda hasylyň öndürilişini ýokarlandyrýan, ekoulgamlary gorap saklamaga we ýuwaş-ýuwaşdan “ýaşyl” ykdysadyýete geçmäge ýardam berýän tebigaty goramaga gönükdirilen tejribeleri ulanmak;
3. Biodürliligi we ekoulgamlaryň serişdelerini gorap saklamak we dikeltmek;
4. Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga we onuň dünýä derejesindäki abraýyny ýokarlandyrmaga ýardam bermek.

**Taslamanyň hereket edýän möhleti – 4 ýyl.**